# Ýagşyzadalaryň bahary

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýagşyzadalaryň bahary

ÝAGŞYZADALARYŇ BAHARY

Dawut alaýhyssalamyň hikmetlerinde şeýle ýazylypdyr: «Akylly kişi şu dört pursatdan gapyl bolmaly däldir:
*1. Rebbine mynajat etmekden;*
*2. Özüniň nebsini hasaba çekmekden;*
*3. Aýyplaryny ýüzüne göni aýdýan dostlarynyň ýanynda bolmakdan;*
*4. Nebsi bilen nebsiniň lezzetleriniň arasynda öz-özi bilen ýalňyz galyp, özüne gelmek we jemlenmek üçin ony öz peýwagtyna goýmakdan.*
*Soňky pursat beýleki pursatlara garanyňda kalba dynç bermek meselesinde iňňän möhümdir».*

* * *

Hezreti Aly (Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn) şeýle diýipdir: «Kalbyňyza dynç beriň we oňa peýdaly pursatlary gözläň. Sebäbi bedeniň ýadaýşy ýaly ol hem ýadaýandyr».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) başga bir rowaýatda şeýle diýipdir: «Bedeniň ýadaýşy ýaly kalp hem ýadaýandyr. Dana pähim-paýhaslary okamak bilen oňa dynç beriň».

* * *

Ibn Apbas kelam ylmyny okap ýadan wagty: «Men okap ýadadym» diýende, oňa okamak üçin şygyrdyr rowaýatlary getirip berer ekenler.

* * *

Kusama ibn Zuheýr şeýle diýipdir: «Allany zikir etmek bilen

kalbyňyza rahatlyk beriň».

* * *

Selman Parsy şeýle diýipdir: «Men oýalygymy hasaplaýşym ýaly, ukudaky wagtymy hem hasaply tutýaryn».

* * *

Erdeşir ibn Bäbek şeýle diýipdir: «Hakykatdan hem gulagyň we kalbyň ýadawlygy bardyr. Bu iki hikmetiň arasyny, olara dynç bermek üçin, başga zatlara güýmenmek bilen açyň».

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Bedenleriňize dynç berşiňiz ýaly, kelleleriňize hem rahatlyk beriň».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Nebsiň – seniň ýoldaşyňdyr. Eger oňa rahatlyk berseň, ol güýçlener, eger ony ýadatsaň, ol tapdan düşer».

* * *

Men Allatagaladan biziň bedenlerimizde pikirlerimizi janlandyrýan zatlary ýaratmagyny, ellerimiziň olary sahypalara ýazmagyny, onuň hoşnutlygyny gazanmagy, razyçylygyny niýet edinmek we gahar-gazabyndan aman bolmak üçin bizi bagyşlamagyny isläp, ondan haýyş edýärin. Hakykatdan hem ol jomartdyr, sahydyr we onuň ýazgydy belentdir. Ol ähli haýyr işleriň tutaşdyryjy çakmak daşydyr.

Mahmyt ZAMAHŞARY

Pedagogika we edep-terbiýe